# KORRUPSIÝA GARŞY GÖREŞ SYÝASATY

«Korrupsiýa garşy göreş Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat») «Arassa Deňiz» Hususy kärhanasynyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysynyň ýokary etiki standartlara, edilýän hünär hyzmatlary barada açyk maglumat bermek ýörelgelerine ygrarlydygyny, şeýle hem HK-nyň korporatiw medeniýetini kämilleşdirmäge, korporatiw dolandyryşyň iň gowy tejribelerine eýermäge we işewürlik abraýyny degişli derejede saklamaga çalyşýandygyny görkezýär.

HK-nyň ýolbaşçysy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

**HK-nyň korrupsiýa garşy çäreleri şulara gönükdirilendir:**

- **Ulgamlaýyn öňüni alyş:** Korrupsiýa töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagyna sebäp bolýan düýpli şertleri we ýagdaýlary anyklamak hem-de aradan aýyrmak arkaly korrupsiýanyň öňüni almak.
- **Işgärleri we ýolbaşçyny goramak:** Eýeleýän wezipesine we derejesine garamazdan, HK-nyň işgärleriniň korrupsiýa işjeňligine ýa-da şübheli maliýe meýilnamalaryna çekilmek töwekgelçiligini azaltmak.
- **Netijeli garşy durmak:** Islendik korrupsiýa hukuk bozulmalaryny wagtynda ýüze çykarmak, ýatyrmak we içerki derňew işlerini geçirmek, şeýle hem olar üçin jogapkärçiligiň gutulgusyzlygyny üpjün etmek.
- **Dogruçyllyk medeniýetini kemala getirmek:** HK-nyň içinde korrupsiýanyň islendik görnüşini (parahorlyk, satyn alma, gulluk wezipesinden şahsy maksatlar üçin peýdalanmak) düýpli ret edýän gurşawy döretmek.

## 1. Umumy ýagdaýlar

1.1. HK-nyň ähli işgärleri, eýeleýän wezipesine garamazdan, Türkmenistanyň kanunçylygynda, «Korrupsiýa garşy göreşmek hakynda» Kanunda we şu «Syýasatda» bellenen para bermek, para almak, täjirçilik arkaly satyp almasy we araçylygy gadagan edýän kadalary berjaý etmäge borçludyrlar. Bu resminamalar, Türkmenistanyň Jenaýat we Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky kodeksleriniň esasy talaplaryna esaslanýar.

1.2. Eýeleýän wezipesine garamazdan, HK-nyň ähli işgärlerine göni ýa-da gytaklaýyn, şahsy ýa-da üçünji şahslaryň araçylygy arkaly korrupsiýa hereketlerine gatnaşmak, paranyň islendik görnüşini (pul serişdeleri, gymmatlyklar, sowgatlar, hyzmatlar ýa-da başga bir bähbit görnüşinde) teklip etmek, bermek, wada bermek, soramak we almak, şeýle hem islendik şahslardan ýa-da guramalardan, şol sanda täjirçilik guramalaryndan, häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, döwlet gullukçylaryndan, hususy kompaniýalardan we olaryň wekillerinden dolandyryş, býurokratik hem-de beýleki islendik görnüşdäki gözboýagçylyklary ýönekeýleşdirmek üçin, tölegleri amala aşyrmak berk gadagandyr.

1.3. HK korrupsiýa garşy kanunçylygyň talaplaryny goldaýan we/ýa-da korrupsiýany ret edýändigini mälim edýän, ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen işewürlik/ hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny saklamaga çalyşýar.

HK korrupsiýa işjeňligine çekilip biljek gyzyklanma bildirýän taraplar bilen işewürlik gatnaşyklarynyň töwekgelçiligini azaltmak üçin, ähli mümkin bolan tagallalary edýär. Şeýle hem, HK gyzyklanma bildirýän taraplaryň, şu «Syýasatyň» talaplaryny berjaý etmäge, şertnamalara korrupsiýa garşy bolan şertleri (bellikleri) goşmaga we işewürligiň etiki kadalaryna laýyk alnyp barylmagy hem-de korrupsiýanyň öňüniň alynmagy üçin, özara ýardam bermäge taýýardygyny makullaýar.

## 2. HK-nyň işgärleri bilen özara gatnaşyklar

2.1. HK öz işgärlerinden şu «Syýasaty» berjaý etmegi talap edýär.

2.2. HK-da «Işgäriň korrupsiýa hukuk bozulmalary barada, özüne mälim bolan maglumatlar hakynda, iş berijä habar bermek tertibine» laýyklykda, täjirçilik guramasynyň bähbitleri üçin ýa-da onuň adyndan hyzmat edýän şahslar tarapyndan parahorlyk emelleri barada, HK-nyň ýolbaşçylygyna habar bermegiň howpsuz, gizlin we elýeterli serişdeleri (Baş direktoryň adyna ýazmaça arza ýa-da şahsy ýüz tutma, telefon arkaly habar bermek, elektron poçta, gyzgyn liniýa) guralýar. HK-nyň Baş direktorynyň adyna korrupsiýa garşy çäreleri we gözegçiligi kämilleşdirmek boýunça teklipler, şeýle hem HK-nyň işgärlerinden we üçünji şahslardan dürli soraglar gelip gowşup biler.

2.3. Korrupsiýa garşy medeniýetiň degişli derejesini kemala getirmek üçin, HK-nyň işgärlerine yzygiderli wagyz-nesihat we düşündiriş çäreleri geçirilýär.
2.4. HK-nyň işgärleri tarapyndan şu «Syýasatyň» ýörelgeleriniň we talaplarynyň berjaý edilmegi, nyzam temmileri berlen wagtynda göz öňünde tutulýar.
2.5. HK-da işgärleriň korrupsiýanyň öňüni almak we oňa garşy durmak bilen baglanyşykly aşakdaky borçlary bellenilýär:

- HK-nyň bähbitleri üçin ýa-da onuň adyndan korrupsiýa hukuk bozulmalaryny etmäge we (ýa-da) olara gatnaşmaga ýykgyn etmezlik;
- Işgäri korrupsiýa hukuk bozulmalaryny amala aşyrmaga mejbur etmek ýagdaýlary ýüze çykanda, bu barada HK-nyň Baş direktoryna haýal etmän habar bermek;
- HK-nyň beýleki işgärleri, gyzyklanma bildirýän taraplar ýa-da başga şahslar tarapyndan, korrupsiýa hukuk bozulmalarynyň edilendigi barada, özüne mälim bolan maglumatlary HK-nyň Baş direktoryna haýal etmän habar bermek;
- Bähbitleriň çaknyşygynyň ýüze çykmak ähtimallygy ýa-da şeýle ýagdaýyň eýýäm ýüze çykandygy baradaky maglumaty Baş direktora habar bermek.

## 3. Jogap bermek çärelerinden we jerimelerden ýüz öwürmek

3.1. HK-nyň islendik işgäri korrupsiýa güman edilýän fakt barada habar beren, para bermekden ýa-da almakdan, täjirçilik arkaly satyp almadan, parahorlukda araçylyk etmekden ýüz öwüren ýagdaýynda, şol sanda, şeýle ýüz öwürmegiň netijesinde HK üçin, elden giderilen peýda ýüze çykan bolsa ýa-da täjirçilik we bäsdeşlik artykmaçlyklary alynmadyk bolsa, onda oňa jerime çäreleriniň ulanylmajakdygyny (şol sanda işden çykarylmajakdygyny, wezipesiniň peseldilmjekdigini, sylag pulundan mahrum edilmejekdigini) HK mälim edýär.

## 4. Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk

4.1. Hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlyk etmek, HK-nyň yglan eden korrupsiýa garşy özüni alyp barmak standartlaryna hakyky ygrarlydygynyň möhüm görkezijisidir. Bu hyzmatdaşlyk dürli görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

- Kärhanada mälim bolan korrupsiýa hukuk bozulmalary barada degişli hukuk goraýjy edaralara habar bermek zerurdyr;
- Gözegçilik-barlag we hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarly wekillerine, kärhananyň korrupsiýanyň öňüni almak we oňa garşy durmak boýunça alyp barýan işlerini barlamakda ýardam bermek;
- Hukuk goraýjy edaralaryň ygtyýarly wekillerine, korrupsiýa jenaýatlarynyň öňüni almak ýa-da derňemek boýunça çäreleri, şol sanda operatiw-agtaryş çärelerini geçirmekde ýardam bermek;
- Eýeleýän wezipesine garamazdan, HK-nyň ähli işgärleri kazyýet ýa-da hukuk goraýjy edaralaryň wezipeli şahslarynyň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeklerine päsgel bermeli däldirler.

## 5. «Syýasaty» ýerine ýetirmezlik (degişli derejede ýerine ýetirmezlik) üçin jogapkärçilige çekmegiň tertibi

5.1. Eýeleýän wezipesine garamazdan, HK-nyň ähli işgärleri şu «Syýasatyň» ýörelgeleriniň we talaplarynyň berjaý edilmegi üçin, şeýle hem özüne tabyn bolan şahslaryň şol ýörelgeleri we talaplary bozyan hereketleri (hereketsizligi) üçin, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýärler.
5.2. Şu «Syýasatyň» talaplaryny bozmakda günäkär bilinen şahslar HK-nyň, hukuk goraýjy edaralaryň ýa-da başga şahslaryň başlangyçy boýunça, Türkmenistanyň kanunçylygynda, ýerli kadalaşdyryjy namalarda we zähmet şertnamalarynda göz öňünde tutulan tertipde hem-de esaslarda düzgün-nyzam, dolandyryş, raýat-hukuk ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | ________ | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |
|---|---|---|---|

TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ» *